#71 (93)
вторник, 3 мая 2022 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# Türkmenistanyň Prezidenti Ahal welaýatynyň gurulýan täze edara ediş merkezinde Ministrler Kabinetiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi

28-nji aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ahal welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy. Döwlet Baştutanymyz saparyň barşynda bu sebitiň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň gurluşygynda alnyp barylýan işler bilen tanyşdy hem-de Ministrler Kabinetiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi.

Häzirki wagtda bu ýerde gurluşyk işleri ýokary depginde alnyp barylýar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow döwlet Baştutanymyza bu ýerde alnyp barylýan işleriň depginleri barada hasabat berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň çäginde gurulýan desgalaryň taslamalary bilen tanyşdy.

Döwlet Baştutanymyz gurulýan desgalaryň ýokary hilli bolmagynyň we öz wagtynda tabşyrylmagynyň wajypdygyna ünsi çekip, degişli ýolbaşçylara anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow desgalaryň gurluşygynyň barşy bilen gyzyklanyp, olaryň gurluşygynda we timarlaýyş işlerinde ýokary hilli serişdeleriň ulanylmalydygyny belledi. Şol serişdeler ygtybarlylygy, uzak möhletleýinligi, ekologik taýdan talaplara dogry gelýändigi, owadanlygy, ýurdumyzyň howa şertlerine laýyklygy bilen tapawutlanmalydyr.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu ýerde Ministrler Kabinetiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi. Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlarynyň, aýry-aýry ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda geçirilen mejlisde Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde alnyp barylýan işleriň ýagdaýyna, resminamalaryň taslamalaryna garaldy. Şeýle hem täze şäheriň gurluşygynyň tamamlanmagy bilen bagly wezipeler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwlet Baştutanymyz, ilki bilen, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde gurluşyk işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat bermek üçin, Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Gurulýan desgalaryň direksiýasynyň direktory D.Orazowa söz berdi. Ol Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde alnyp barylýan işleriň döwrüň talabyna laýyk ýerine ýetirilýändigi barada hasabat berdi.

Welaýatyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde gurluşyk işleriniň hususy kärhanalar — Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary tarapyndan ýerine ýetirilýändigini bellemek ýerlikli bolar.

Direksiýanyň ýolbaşçysy gurluşyk işleriniň ýokary hil derejesini üpjün etmek we ony bellenen möhletde tamamlamak boýunça öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda ähli zerur tagallalary gaýgyrmajakdygyna ynandyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde gurluşyk işleriniň barşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, gurluşyk işlerinde ulanylýan serişdeleriň hiline we gurluşyklaryň möhletleriniň berjaý edilmeýändigine nägilelik bildirip, gurluşygyň depginlerini güýçlendirmegi we olary bellenen möhletlerde ulanmaga tabşyrmagy wise-premýerden berk talap etdi.

Desgalaryň gurluşygynda we timarlaýyş işlerinde ýokary hilli serişdeler ulanylmalydyr. Olar ýerli tebigy-howa şertlerine we ýokary ekologik kadalara, aýratyn-da, milli bezeg aýratynlygyna hem-de berklik, oňaýlylyk talaplaryna doly laýyk gelmelidir. Döwlet Baştutanymyz täze şäheriň desgalarynyň gurluşygynda işleýän gurluşykçylaryň işi we dynç alşy üçin zerur şertleriň döredilmelidigini hem belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde alnyp barylýan gurluşyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan durmuş maksatly özgertmeleri durmuşa geçirmegiň çäklerinde söwda toplumynyň öňünde durýan wezipeleriň wajypdygyna ünsi çekdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň hususy gurluşyk kompaniýalaryna dürli maksatly binalaryň, şol sanda Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde meýilleşdirilen desgalaryň gurluşygynyň ynanylandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, dünýä ülňülerine laýyk gelýän häzirki zaman gurluşyk serişdeleriniň ulanylmagy, işleriň ýokary hil derejesiniň üpjün edilmegi möhüm talap bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz belledi hem-de bu babatda wise-premýere birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Muhammedow Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde alnyp barylýan gurluşyk işleriniň maliýeleşdirilişi barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiziň degişli Kararlaryna laýyklykda, ýaşaýyş jaýlarynyň, dürli binalaryň, şeýle hem inženerçilik ulgamlarynyň gurluşygy alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararlaryna laýyklykda, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezindäki binalaryň we desgalaryň gurluşyklarynda ulanylýan enjamlary we beýleki serişdeleri satynalmakboýunçadegişliişleriňgeçirilýändigibarada hasabat berildi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Toýlyýew Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde gurulýan bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport ulgamlaryna, jemgyýetçilik guramalaryna degişli gurluşyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, adamlaryň ähli amatlyklaryň hözirini görüp ýaşamagyny, döredijilikli zähmet çekmegini hem-de göwnejaý dynç almagyny ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda kesgitledi. Munuň özi täze taryhy eýýamyň talaplaryna doly laýyk gelýär. Şunuň bilen baglylykda durmuş maksatly desgalaryň gurluşygyna aýratyn üns berilmelidir.

Döwlet Baştutanymyz bilim, ylym, saglygy goraýyş, sport desgalarynyň gurluşygynyň barşyna gözegçiligi güýçlendirmegi talap edip, iň täze tehnologiýalary ornaşdyrmagy hem-de bu işe ýokary okuw mekdepleriniň talyplaryny we mugallymlaryny çekmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde medeniýet ulgamyna degişli binalaryň, şeýle hem iki sany ýedi gatly ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşyk-gurnama işleriniň batly depginlerde alnyp barylýandygy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, medeni maksatly desgalaryň gurluşyklarynyň aýratynlyklaryna ünsi çekip, olaryň ýörite tehnologik enjamlar we häzirki zamanyň ösen tehnologiýalary bilen üpjün edilmelidigini belledi we bu babatda wise-premýere anyk görkezmeleri berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň gurluşygynda işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, agentligiň ýolbaşçysyna ähli meýilleşdirilen işleriň ýokary hilini üpjün etmek boýunça anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezinde obasenagat toplumyna degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň buýurmalary esasynda gurulýan desgalardaky işleriň ýagdaýy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, gurluşyk işleriniň ýokary hil derejesiniň üpjün edilmeginiň üýtgewsiz talap bolup durýandygyny belledi hem-de wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Soňra goranmak ministri, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary B.Gündogdyýew Watan

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

## ПРЕЗИДЕНТ МОНГОЛИИ ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ТУРКМЕНИСТАНА С 30-ЛЕТИЕМ ДИПОТНОШЕНИЙ

Президент Монголии Ухнаагийн Хурэлсух поздравил Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова с 30-летием установления туркмено-монгольских дипломатических отношений.

«От имени монгольского народа и от себя лично искренне поздравляю Вас и туркменский народ по случаю 30-летия установления дипломатических отношений между Монголией и Туркменистаном», - говорится в поздравительном послании.

Глава Монголии отметил, что нацелен на тесное сотрудничество с туркменским лидером в деле дальнейшего расширения и развития отношений дружбы и партнёрства между двумя странами.

«Пользуясь случаем, желаю Вам крепкого здоровья и больших успехов в работе, а дружественному народу Туркменистана – благополучия и процветания», - подчеркнул в своем послании президент Монголии.

## *ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ФРАНЦУЗСКОЙ РЕСПУБЛИКИ*

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов адресовал искренние поздравления и наилучшие пожелания г-ну Эммануэлю Макрону в связи с его переизбранием на пост Президента Французской Республики.

«Мы высоко оцениваем дружественные отношения между Туркменистаном и Французской Республикой и уверены, что эти связи будут и далее развиваться в интересах народов обеих стран», отметил в своём послании Президент Сердар Бердымухамедов.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Эммануэлю Макрону сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов в новых начинаниях.

## *ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЮЖНО-АФРИКАНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ*

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Южно-Африканской Республики Сирилу Рамафоса и всему народу страны по случаю национального праздника Южно-Африканской Республики – Дня свободы.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Сирилу Рамафоса искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Южно-Африканской Республики – мира, прогресса и процветания.

## *ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ НИДЕРЛАНДОВ*

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Королю Нидерландов Виллему-Александру по случаю национального праздника Королевства Нидерландов – Дня Короля.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Королю Виллему-Александру искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Нидерландов – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## *ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЕНЕРАЛЬНОГО СЕКРЕТАРЯ ООН*

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов адресовал искренние поздравления и наилучшие пожелания Генеральному секретарю Организации Объединённых Наций Антониу Гутерришу в связи с днём его рождения.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменистана выразил Генеральному секретарю ООН Антониу Гутерришу пожелания крепкого здоровья, счастья, неиссякаемой энергии и воли, а также больших успехов в проводимой работе.

## *ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА РЕСПУБЛИКИ ПОЛЬША*

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Польша Анджею Дуде и всему народу страны по случаю национального праздника Республики Польша – Дня конституции.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава государства выразил Президенту Анджею Дуде искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а дружественному народу Республики Польша – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕДПИСАНО СОЗДАТЬ ОРГКОМИТЕТ ПО ПОДГОТОВКЕ НАЦИОНАЛЬНЫХ СБОРНЫХ КОМАНД К ОЛИМПИЙСКИМ И ПАРАЛИМПИЙСКИМ ИГРАМ 2024 ГОДА

В целях исполнения Постановления Президента Туркменистана № 565 от 14 января 2022 года «О вопросах подготовки и участия национальных сборных команд Туркменистана в XXXIII летних Олимпийских и XVII летних Паралимпийских играх, которые пройдут в городе Париж Французской Республики в 2024 году» Президент Туркменистана подписал Постановление, предписав создать Оргкомитет по подготовке национальных сборных команд к вышеуказанным спортивным мероприятиям и утвердив её состав.

Интернет газета
Международные новости

# Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisi



29-njy aprelde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda birnäçe resminamalaryň taslamalaryna garaldy, käbir beýleki meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisi açyp, şu günler hormatly Arkadagymyzyň zähmet rugsadynda bolup, «Ömrümiň manysy» atly täze kitabynyň üstünde işlemegi tamamlandygy we bu eseriň çapdan çykandygy baradaky hoş habary aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gahryman Arkadagymyzy we mähriban halkymyzy täze kitabyň neşir edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlap, bu edebi-filosofik eserde milli Liderimiziň ömrüniň manyly menzilleriniň, durmuş ýoly baradaky ýatlamalarynyň, pikir-garaýyşlarynyň jemlenýändigini belledi. Kitapda taryhymyza, paýhasly pederlerimiziň döreden gymmatlyklaryna, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda nesilden-nesle geçirip gelýän asylly däp-dessurlaryna, eziz Diýarymyzyň häzirki döwürdäki ösüşlerine aýratyn ähmiýet berilýär.

Döwlet Baştutanymyz «Halkyň Arkadagly zamanasy» ýylynda neşir edilen kitabyň ähmiýetini nygtap, onuň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň geljek 30 ýyly üçin kesgitlenen belent maksatlara üstünlikli ýetmekde halkymyza ruhy goldaw berjekdigine ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Gahryman Arkadagymyzy täze eseriniň neşir edilmegi bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, şeýle ikitaplarynyň höwrüniň köp, galamynyň ýiti bolmagyny arzuw etdi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň gün tertibine geçip, Milli Geňeşiň Mejlisiniň Başlygy G.Mämmedowa söz berdi. Ol milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan" gelip çykýan wezipeleri nazara almak bilen, milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça işleriň işjeňleşdirilmelidigini belledi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Muhammedow jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna we terrorçylygyň maliýeleşdirilmegine garşy hereket etmegiň ulgamyny kämilleşdirmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň oktýabryndaky degişli Kararyna laýyklykda, Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýanynda döredilen Maliýe gözegçiligi gullugy hakynda Düzgünnamanyň taslamasynyň işlenip taýýarlanylandygy barada habar berildi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileri kanunlaşdyrmagyň we terrorçylygy maliýeleşdirmegiň garşysyna hereket etmek babatda döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek, ugurdaş halkara guramalarda Türkmenistanyň bähbitlerine wekilçilik etmek, ýurdumyzyň halkara şertnamalardan gelip çykýan borçnamalaryny ýerine ýetirmekden ugur almak bilen baglylykda, bu düzümiň işiniň ileri tutulýan ugurlaryna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ş.Abdrahmanow ýakyn ýyllarda nebitiň we tebigy gazyň goşmaça möçberlerini çykarmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. "Türkmengaz", "Türkmennebit" döwlet konsernlerine hem-de "Türkmengeologiýa" döwlet korporasiýasyna ýakyn iki ýylda nebitiň we tebigy gazyň goşmaça möçberlerini çykarmak boýunça işleri maliýeleşdirmek üçin maliýe goldawyny bermek boýunça durmuşa geçirilýän çäreler barada habar berildi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, täze, geljegi uly känleri hem-de gatlaklary ýüze çykarmak, hereket edýänlerini döwrebaplaşdyrmak arkaly nebitiň we tebigy gazyň çykarylýan we gaýtadan işlenilýän möçberlerini mundan beýläk-de artdyrmagyň zerurdygyna ünsi çekdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew ýurdumyzda azyk üpjünçiligini pugtalandyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Daşoguz we Lebap welaýatlarynda şaly hasylyny ösdürip ýetişdirmek boýunça işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, «Türkmenistanda 2022-nji ýylda şaly öndürmek hakynda» Kararyň taslamasy taýýarlanyldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ekinlerden hasyl almakda meýdan işleriniň talabalaýyk guralmagynyň möhüm ähmiýete eýedigini belledi.

Döwlet Baştutanymyz resminama gol çekip hem-de ony sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, degişli tehnologiýalary hem-de täzeçil çemeleşmeleri peýdalanmak arkaly meýdanlary şaly ekişine talabalaýyk taýýarlamak boýunça tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekow ýurdumyzyň ýol gurluşyk pudagynyň işini döwrüň talabyna laýyk guramak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentliginiň öňünde duran wezipeleriň wajypdygyna ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz gurluşykda nyrh emele getirmegiň we hasaplaşyk ulgamlarynyň kadalarynyň milli ulgamyny kämilleşdirmek boýunça geçirilýän çäreleriň wajypdygyny nygtap, bu ugurdaky işleri dowam etmegi tabşyrdy. Munuň ýol-ulag düzümini mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmaga hem-de giňeltmäge, dünýä ölçeglerine laýyk gelýän ýollaryň gurulmagyna, ýurdumyzyň ulag-logistika ulgamynyň kuwwatynyň artdyrylmagyna ýardam etjekdigi bellenildi.

Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Gylyjow Dokma senagaty ministrliginiň Bäherden tikin fabrigini döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda, şol sanda dokma senagatynda durnukly ösüşiň üpjün edilýändigini belledi. Ýurdumyzy senagatlaşdyrmak we sanly ulgama geçirmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan hem-de daşary ýurtlara iberilýän önümleriň mukdaryny artdyrmak baradaky wezipeleriň wajypdygyny nygtap, döwlet Baştutanymyz öndürilýän harytlaryň ýokary hil derejesine laýyk hem-de ekologik taýdan arassa bolmalydygyny aýtdy. Munuň üçin dokma kärhanalary ýokary tehnologiýaly öňdebaryjy enjamlar bilen üpjün edilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz belledi we bu babatda wise-premýere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa «Muzeýlere «Milli» hukuk derejesini bermegiň tertibini we şertlerini tassyklamak hakynda» Kararyň taslamasyny döwlet Baştutanymyzyň garamagyna hödürledi. Bellenilişi ýaly, munuň özi ýurdumyzyň we daşary ýurt döwletleriniň muzeýleri, beýleki ugurdaş edaralary bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge, muzeý gaznalaryna degişli gymmatlyklaryň, muzeý toplamalarynyň özara alşylmagyna ýardam eder.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, muzeýlere bu derejäni bermegiň ähmiýetini belläp, pudaklaýyn edaralaryň çeperçilik-bilim işlerini işjeňleşdirmek, ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemekde muzeýleriň eýeleýän ornuny ýokarlandyrmak maksady bilen, medeniýet ulgamynyň kanunçylyk binýadyny has-da kämilleşdirmegiň zerurdygyny nygtady.

Döwlet Baştutanymyz hödürlenen resminama gol çekdi we sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, ondan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek barada anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary S.Toýlyýew ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgam arkaly halkara olimpiadalary geçirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary her ýyl halkara derejede geçirilýän ders bäsleşiklerine we olimpiadalara gatnaşyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar hem-de Watanymyzyň abraýyny has-da belende göterýärler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, halkara derejeli bilim bäsleşiklerini yzygiderli geçirmegiň möhümdigini, munuň ýurdumyzyň zehinli ýaşlaryny ýüze çykarmak bilen birlikde, Ýer ýüzüniň ýokary okuw mekdepleri bilen göni gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna-da ýardam etjekdigini nygtady. Döwlet Baştutanymyz hödürlenen teklipleri makullap, wise-premýere halkara internet olimpiadalarynyň ýokary derejesini üpjün etmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň işi hakynda hasabat berdi.

Mälim bolşy ýaly, bu topar BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bilen ulgamlaýyn esasda hyzmatdaşlyk etmek maksady bilen, 1997-nji ýylda döredildi. 2020-nji ýylda onuň Düzgünnamasynyň rejelenen görnüşi kabul edildi hem-de düzümi täzelendi. Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça 23-nji aprelde toparyň nobatdaky mejlisi geçirilip, onuň dowamynda işleriň möhüm meseleleri we ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyň käbir ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Mejlisiň netijeleri boýunça toparyň işini kämilleşdirmek hem-de ÝUNESKO bilen gatnaşyklary has-da işjeňleşdirmek babatda birnäçe teklipler taýýarlanyldy.

Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň baý medeni mirasynyň dünýäde giňden wagyz edilmegine uly ähmiýet berilýär. Bu ugurda ýerine ýetirilýän işleri güýçlendirmek üçin toparyň internet saýtyny döretmek teklip edilýär. Saýt arkaly ÝUNESKO bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň çäklerinde ýetilen sepgitleri we onuň geljegi barada maglumatlary hemişelik esasda beýan etmek göz öňünde tutulýar.

Milli toparyň guramaçylyk işinde onuň Sekretariatyna möhüm orun berilýär. Onuň degişli döwlet edaralary bilen bilelikdäki işini düzgünleşdirmek maksady bilen, degişli Düzgünnamanyň taslamasy taýýarlanyldy we tassyklamak üçin teklip edilýär. Halkara tejribä hem-de ÝUNESKO-nyň Baş maslahaty tarapyndan kabul edilen Kararnamanyň talaplaryna laýyklykda, toparyň milli nyşanynyň taslamasy taýýarlanyldy we tassyklamak üçin teklip edilýär.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklarda onuň hukuk binýadyny berkitmek baradaky mesele möhüm orun eýeleýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň Konwensiýalaryna, şol sanda Medeni gymmatlyklary bikanun getirmegi, äkitmegi we eýeçilik hukugyny bermegi duýdurmaga we gadagan etmäge gönükdirilen çäreler hakyndaky Konwensiýasyna goşulmagy aýratyn ähmiýete eýedir. Bu işi dowam etdirmek maksady bilen, 1997-nji ýylda Lissabon şäherinde kabul edilen ÝUNESKO-nyň Ýewropa sebitinde ýokary bilim boýunça hünär derejelerini ykrar etmek hakynda Konwensiýasyna ýurdumyzyň goşulmagy meselesini öwrenmek teklip edilýär. Bu resminama häzirki wagtda döwletleriň 54-si gatnaşyjy bolup durýar.

Türkmen halkynyň baý medeni we ruhy gymmatlyklaryny ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek boýunça hem yzygiderli çäreler görülýär. Bu babatda Aşgabat şäherini bu guramanyň döredijilik şäherleriniň toruna girizmek bilen bagly işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, degişli hödürnamany taýýarlamak maksady bilen, ugurdaş döwlet düzümleriniň wekillerinden ybarat bolan topary döretmek hem-de onuň ilkinji mejlisini 30-njy aprelde geçirmek teklip edilýär.

Ýurdumyzyň gündogar sebitinde ýerleşýän Köýtendag dag ekoulgamyny ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek üçin köptaraplaýyn hödürnamany taýýarlamak boýunça hem işler dowam edýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň ÝUNESKO-nyň işleri boýunça milli toparlarynyň arasynda yzygiderli maslahatlaşmalary geçirmek maksadalaýyk hasaplanýar. Olary şu ýylyň maý aýynda ýola goýmak teklip edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy bilen strategik häsiýete eýe bolan hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biriniň ynsanperwer ulgam bolup durýandygyny, bu babatda ÝUNESKO bilen gatnaşyklara aýratyn ähmiýet berilýändigini nygtady. Soňky ýyllarda däp bolan bu hyzmatdaşlyk hil taýdan täze derejä çykdy. Şonuň netijesinde bilim, ylym we medeniýet, ekologiýa we daşky gurşawy goramak ugurlary boýunça köpýyllyk gatnaşyklar kemala geldi diýip, döwlet Baştutanymyz belledi.

Türkmenistan BMG-niň bu iri ýöriteleşdirilen edarasy bilen hyzmatdaşlykda işjeň orny eýeleýär. Munuň şeýledigine üstünlikli durmuşa geçirilen hem-de amala aşyrylýan bilelikdäki taslamalar, ýurdumyzyň Milletler Bileleşigi tarapyndan giň goldawa eýe bolýan oňyn halkara başlangyçlary şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hödürlenen teklipleri makullap, ÝUNESKO bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmak, halkymyzyň baý medeni mirasyny dünýäde giňden wagyz etmek ugrunda yzygiderli çäreleri görmek, halkymyzyň özboluşly gymmatlyklaryny ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizmek boýunça işleri dowam etmegiň zerurdygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýer, daşary işler ministrine ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň öňünde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülmegine degişli anyk tabşyryklary berdi.

Mejlisiň dowamynda Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe amala aşyrylýan durmuş-ykdysady özgertmeleriň çäklerinde ulag-kommunikasiýa pudagynyň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny döwrüň talabyna laýyk getirmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berip, hormatly Prezidentimiziň garamagyna degişli Kararyň taslamasyny hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ulag toplumynda ygtyýarlylandyrmak işini kämilleşdirmegiň möhümdigini belledi we Ulag-ekspedisiýa işini ygtyýarlylandyrmak hakynda düzgünnamany tassyklamak barada Karara gol çekip, sanly ulgam arkaly agentligiň ýolbaşçysyna iberip hem-de onuň düzgünlerini ýerine ýetirmek boýunça birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet durmuşynyň käbir beýleki meselelerine-de garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

# Türkmenistanyň Prezidenti Ahal welaýatynyň gurulýan täze edara ediş merkezinde Ministrler Kabinetiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirdi

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

goragçylarynyň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, harby gullukçylar üçin ýokary derejeli şertleri üpjün etmek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkeziniň gurluşygynyň alnyp barlyşy baradaky hasabatlaryň diňlenendigini, täze şäheriň döwletimiz üçin örän möhüm syýasy, ykdysady, durmuş ähmiýetiniň bardygyny belledi. Häzirki döwürde dünýäde tutuş bir şäheri gurup, ulanmaga berýän döwletler köp däldir. Bu bolsa biziň ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artýandygyna, hünärmenlerimiziň taýýarlygynyň gowudygyna aýdyň şaýatlyk edýär diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Ç.Purçekowa, aýry-aýry desgalaryň gurluşygyny gysga wagtda tamamlamak maksady bilen, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň gözegçiliginde goşmaça işçi güýjüni çekmek, hünärmenleriň sanyny artdyrmak babatda anyk tabşyryklary berdi.

Häzirki wagtda ýurdumyzda giň gerimli özgertmeler maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi netijesinde ata Watanymyzyň ähli sebitleriniň durmuş-ykdysady taýdan ösüşine kuwwatly itergi berildi. Paýtagtymyz bilen birlikde welaýatlaryň şäherleriniň we obalarynyň düzümi döwrebaplaşdyrylýar, ähli ýerlerde oňyn tehnologiýalar ornaşdyrylýar. Bularyň ählisi Türkmenistanda durmuş ugurly syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. "Döwlet adam üçindir!" diýen şygar şol syýasatyň esasy ýörelgesidir.

Şeýlelikde, ýakyn geljekde Köpetdagyň etegindäki ajaýyp künjekde Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň, döredijiliginiň, ösüşiň ýoly bilen barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň ynamly ädiminiň aýdyň nyşanyny alamatlandyrýan täze şäher emele geler.

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HYTAÝ HALK RESPUBLIKASYNYŇ DÖWLET GEŇEŞINIŇ AGZASY, GORANMAK MINISTRINI KABUL ETDI

2022-nji ýylyň 26-njy aprelinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Hytaý Halk Respublikasynyň Döwlet Geňeşiniň agzasy, goranmak ministri Weý Fenhäni kabul etdi.

Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň we Hytaýyň Döwlet Geňeşiniň Premýeri Li Kesýanyň hormatly Prezidentimize hem-de tutuş türkmen halkyna abadançylyk, rowaçlyk baradaky arzuwlaryny ýetirdi.

Mümkinçilikden peýdalanyp, HHR-iň Döwlet Geňeşiniň agzasy, goranmak ministri döwlet Baştutanymyzy Prezident saýlawlarynda gazanan ynamly ýeňşi bilen gutlady we jogapkärli işinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirdi we HHR-iň ýolbaşçy düzümine iň gowy arzuwlaryny aýdyp, Türkmenistanda Hytaý bilen gözbaşyny gadymdan alyp gaýdýan dostlukly gatnaşyklara aýratyn üns berilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, şu ýyl deňhukukly, uzak möhletleýin, strategik hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine ygrarly ýurtlarymyzyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy bellenilýär.

Duşuşygyň dowamynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we myhman häzirki döwrüň ýagdaýlaryny nazara alyp, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilikleri bolan türkmen-hytaý hyzmatdaşlygynyň geljekki ugurlary boýunça pikir alyşdylar. Şunda türkmen-hytaý hyzmatdaşlygyny täze derejä çykarmaga gönükdirilen ylalaşyklaryň durmuşa geçirilmegine möhüm ähmiýet berildi.

Türkmenistan we Hytaý Halk Respublikasy netijeli syýasy-diplomatik gatnaşyklary ösdürmek arkaly söwda-ykdysady, ýangyç-energetika, ulag-kommunikasiýa ýaly ugurlarda we başga-da birnäçe pudaklar boýunça gatnaşyklary yzygiderli pugtalandyrýar.

BMG-niň we beýleki abraýly halkara guramalaryň çäklerindäki, şol sanda "Merkezi Aziýa - Hytaý" görnüşindäki netijeli hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn döwletara gatnaşyklaryň üstüni ýetirýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we HHR-iň Döwlet Geňeşiniň agzasy, goranmak ministri Weý Fenhe döwrüň synagyndan geçen döwletara gatnaşyklaryň dünýäde abadançylygyň bähbidine mundan beýläkde sazlaşykly ösdüriljekdigine we täze mazmun bilen üstüniň ýetiriljekdigine ynam bildirdiler.

# ВЫШЛА В СВЕТ НОВАЯ КНИГА ГЕРОЯ-АРКАДАГА «ÖMRÜMIŇ MANYSY»




Выдающийся философско-литературный труд «Ömrümiň manysy», работу над которым лидер нации завершил в дни отпуска, является своего рода квинтэссенцией мудрости и исконно национальных духовно-нравственных ценностей, передаваемых туркменским народом из поколения в поколение на протяжении тысячелетий.

Глубоко чтя дошедшие из глубокой древности благородные духовные устои предков, Аркадаг Гурбангулы Бердымухамедов досконально изучил сохранившиеся до наших дней источники и сведения, систематизировал и обобщил их в своём новом произведении, которое на момент написания уже вызвало интерес со стороны мировой общественности. Ведь высокогуманные общечеловеческие принципы, нашедшие яркое воплощение в национальном характере и менталитете туркмен, находят живой отклик у многих народов мира.

Изданная в нынешнем году, проходящем под глубоко символичным девизом «Эпоха народа с Аркадагом», уникальная по своему содержанию и смыслу книга обобщает сведения о достижениях независимого нейтрального Туркменистана, а также о значимых исторических вехах государства и основных этапах жизненного пути лидера нации, посвятившего себя служению любимой Отчизне и родному народу.

В произведении, порождённом гением Героя-Аркадага, освещаются главные нравственные постулаты, актуальность которых свидетельствует о преемственности традиций и духовных заповедей нынешнего и предшествующих поколений.

Во вступительном слове автор, почётный старейшина народа Гурбангулы Бердымухамедов подчёркивает, что обязанность каждого человека – задумываться не только о пройденном пути, но и о том, что нужно сделать в дальнейшей жизни.

Проанализировав свои накопленные знания и опыт, лидер нации обобщил их в очередной философский труд, уделив особое внимание вопросам совершенства духовности, законам мироздания, лучшим чертам характера и светлым помыслам, возвышающим каждого человека.

Книга состоит из нескольких глав, названия которых сами анонсируют своё глубокое содержание: «Культура бытия»; «Слово о вере»; «Исконные принципы, уходящие корнями в глубь тысячелетий»; «Взгляд в прошлое»; «Паломничество в священную Мекку и Медину»; «Духовно-нравственная школа нации».

Мастерское литературное изложение, использование фольклора, крылатых фраз, мудрых изречений философов и выдающихся личностей прошлого приумножают ценность и значимость произведения, которое, без сомнения, послужит ключом к пониманию богатого духовного мира туркмен, налаживающих, как и столетия назад, мосты дружбы и взаимоуважения с народами планеты.

Книга «Ömrümiň manysy» рассчитана на широкий круг читателей, которым будет интересно «окунуться» в историю туркмен, узнав много нового и познавательного об основах нравственной жизни, зарождении и распространении науки, образования и культуры, а также о миролюбивых и созидательных принципах народа, унаследованных со времён прародителя Огуз хана.

Интересные факты можно почерпнуть о жизни и наставлениях, завещаемых потомкам, авторитетных представителей суфизма, религиозных и политических деятелей, талантливых поэтов и гуманистов, в числе которых Абу Сейит Абул Хайыр (Мяне-баба), Ходжа Ахмет Ясави, Неджмеддин Кубра, Бахаведдин Нагышбенди и другие. Этой теме посвящена самая большая глава под названием «Взгляд в прошлое».

Как неизменно подчёркивает лидер нации Гурбангулы Бердымухамедов, заложивший основы счастливой жизни нынешнего и грядущих поколений туркменистанцев, «строить будущее надо только опираясь на прошлое».

Поистине бесценное по смыслу и содержанию произведение Героя-Аркадага стало яркой иллюстрацией осуществляемой по его инициативе масштабной, кропотливой научно-литературной деятельности по систематическому сбору, детальному изучению и популяризации великого наследия славных предков, внёсших весомый вклад в развитие общемировой цивилизации.

У нашего народа есть чем гордиться. Подчёркивая это, лидер нации в своём заключительном слове отметил, что множество мудрых наставлений и идей, которыми он хотел бы поделиться с читательской аудиторией, войдут также и в новую книгу-продолжение «Ömrümiň manysynyň dowamaty».

Очередной выдающийся историко-философский труд, вышедший из-под пера Героя-Аркадага Гурбангулы Бердымухамедова и буквально на днях изданный Туркменской государственной издательской службой на высоком полиграфическом уровне, конечно же, станет для нашего народа духовной опорой и маяком, освещающим дорогу на пути к достижению великих целей в эру Возрождения новой эпохи могущественного государства.

# В АШХАБАДЕ ОТМЕТИЛИ МЕЖДУНАРОДНЫЙ ДЕНЬ ДЖАЗА



30 апреля во многих странах мира, в том числе и в Туркменистане, отмечается Международный день джаза. По случаю музыкального праздника во Дворце мукамов Государственного культурного центра, состоялся концерт с участием известных творческих коллективов и исполнителей нашей страны.

Туркменские музыканты играют не только классический джаз, но и экспериментируют с добавлением национальных мелодий. Всю палитру богатой и изобретательной музыки туркменские джазмены продемонстрировали на состоявшемся концерте.

Ярким и зажигательным стало выступление возрождённого коллектива «Гунеш». Продолжая лучшие традиции своих предшественников, современные музыканты создают композиции в стиле этно-джаз. За основу берутся туркменские народные мелодии, которые впоследствии насыщаются джазовыми аккордами и ритмами. По словам музыкантов у туркменской национальной музыки, достаточно сложные ритмы. Но гунешевцам удаётся импровизировать и находить интересное модерновое звучание.

Также концертная программа вобрала в себя известные композиции традиционного джаза. В исполнении Государственного симфонического оркестра Туркменистана под управлением дирижёра Расула Клычева прозвучали композиции «Sing, Sing», «Misty» и другие.

# *ISSUES OF COOPERATION BETWEEN TURKMENISTAN AND ESCAP DISCUSSED*



On April 26, the meeting of the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov with the UN Under-Secretary-General, Executive Secretary of the UN Economic and Social Commission for Asia and the Pacific (ESCAP) Armida Salsiah Alisjahbana took place via videoconference.

During the meeting, the Turkmen side expressed congratulations on the occasion of the 75th anniversary of ESCAP and noted that this historic year for the Commission also coincides with the 30th anniversary of Turkmenistan's membership in ESCAP. It was emphasized that the joint successes achieved over the past years testify to the high level of relations and partnership between Turkmenistan and this UN Commission.

The parties noted the fruitfulness of cooperation between Turkmenistan and ESCAP in a number of key areas, in particular in the areas of transport and energy, disaster risk reduction, as well as within the framework of SPECA.

The Turkmen side expressed gratitude for the active participation of the leadership of the Commission in the bilateral and multilateral forums held with the participation of Turkmenistan.

In this context, the timeliness of the signing in November last year of the Memorandum of Understanding between the Economic Cooperation Organization and ESCAP, which is another contribution to strengthening the legal framework between Turkmenistan and ESCAP, was noted.

The minister also noted that at the 78th session of ESCAP, which will be held in May 2022 in Bangkok in a hybrid format, Turkmenistan will be represented at a fairly high level.

At the meeting, the commitment of the Government of Turkmenistan to the implementation of the 2030 Agenda for Sustainable Development was confirmed and a number of initiatives of the Turkmen side to expand partnership with ESCAP were announced.

The parties also touched upon the priority issues caused by the pandemic. It was noted that Turkmenistan is ready for cooperation in overcoming its economic, social and financial consequences.

The meeting also considered joint actions, taking into account the Global Compact for Safe, Orderly and Regular Migration (GCM).

The Minister informed that the delegation of Turkmenistan will take an active part in the work of the Global Forum on Migration, which will be held from 17 to 20 May 2022 in New York.

The Turkmen side considers this event as another opportunity to consolidate efforts to resolve the global migration agenda, taking into account the changing realities, R. Meredov noted.

Интернет газета
Международные новости

# В МИД ТУРКМЕНИСТАНА СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА С ПРЕДСТАВИТЕЛЯМИ ЭКСПЕРТНОЙ МИССИИ ООН ВЫСОКОГО УРОВНЯ



27 апреля состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Руководителем отдела демографической статистики Статистического управления ООН Срджаном Мркичом.

В ходе встречи стороны рассмотрели нынешнее состояние и перспективы партнерства Туркменистана с ООН, в частности со Статистическим управлением ООН и Фондом народонаселения ООН (ЮНФПА).

Основной темой обсуждений стали вопросы подготовки к проведению сплошной переписи населения и жилищного фонда Туркменистана в 2022 году. Было отмечено, что в рамках подготовки к этому масштабному мероприятию к настоящему моменту в стране ведется большая работа.

В ходе встречи Р.Мередов поприветствовал Олафа Ронни Линдстрома, новоназначенного Странового директора ЮНФПА по Туркменистану, пожелал успехов в новой должности и заверил, что Туркменистан продолжит традиционное сотрудничество с ЮНФПА.

Стороны рассмотрели формы сотрудничества туркменской стороны с Статистическим управлением ООН и ЮНФПА, имея в виду опыт работы этих международных структур в оказании содействия странам в организации проведения переписи населения.

Кроме того, были обсуждены и другие области сотрудничества, такие как сбор и анализ статистических данных, вопросы гендерного равенства и расширение прав и возможностей женщин, благополучие и развитие молодежи.

# СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА МЕЖДУ МИНИСТРОМ ИНОСТРАННЫХ ДЕЛ ТУРКМЕНИСТАНА И МИНИСТРОМ ПО ПРЕЗИДЕНТСКИМ ДЕЛАМ ОАЭ

29 апреля по поручению Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова туркменская делегация во главе с Заместителем Председателя Кабинета Министров, Министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым отбыла с визитом в Абу-Даби, ОАЭ.

В тот же день, в рамках визита состоялась встреча между Заместителем Председателя Кабинета Министров, Министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым и Заместителем Председателя Кабинета Министров Объединённых Арабских Эмиратов, Министром по Президентским делам Шейхом Мансуром бин Зайед Аль-Нахайяном.

В ходе конструктивных переговоров стороны обсудили актуальные аспекты туркмено-эмиратской повестки дня. Было подчеркнуто, что регулярные контакты на высшем и высоком уровнях придают мощный импульс для развития двустороннего взаимодействия по всем направлениям, представляющим взаимный интерес.

Собеседники отметили эффективность двустороннего торгово-экономического сотрудничества Туркменистана и ОАЭ. В частности, были рассмотрены вопросы расширения партнерского взаимодействия в инвестиционной и финансово-банковской сферах.

В этом контексте стороны обсудили конкретные шаги по продвижению договоренностей, достигнутых в ходе предыдущих визитов туркменской делегации в ОАЭ.

# A MEETING OF THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN WITH THE AMBASSADOR OF ISRAEL

On April 28, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov held a meeting with the newly appointed Ambassador of the State of Israel to Turkmenistan Ms. Beth Eden Kite.



At the beginning of the meeting, having congratulated the Ambassador of the State of Israel on the appointment to the responsible position, R.Meredov wished her every success and new achievements in her new mission aimed at the development of cooperation between the two countries.

During the talk, the issues of strengthening relations, including the expansion of bilateral political, diplomatic, trade-economic and humanitarian cooperation were discussed. The parties noted the positive experience of multilateral cooperation in the framework of reputable regional and international organizations, including the significance of mutual support of international beginnings and initiatives.

Within the framework of the meeting, Ambassador Beth Eden Kite presented to the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan the copies of her credential letters and stressed that during her diplomatic mission she would make every effort to further expand and strengthen relations between Turkmenistan and Israel.

# The Ministers of Foreign Affairs of Turkmenistan and the United Arab Emirates discussed the issues of the development of bilateral relations



On April 29, within the framework of the visit of the delegation of Turkmenistan to Abu Dhabi, a meeting was held between the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov and the Minister of Foreign Affairs and International Cooperation of the United Arab Emirates Sheikh Abdullah bin Zayed Al Nahyan.

After exchanging warm greetings and noting the high dynamics of the development of bilateral relations, the ministers proceeded to discuss a number of key issues in the political, trade-economic and cultural-humanitarian fields. The high level of confidential dialogue between the top leadership of the two countries was emphasized. It was also emphasized that high-level contacts are of paramount importance in the further promotion of interstate relations.

The ministers reaffirmed the importance of cooperation between the Foreign Ministries of the two countries. Particular emphasis was placed on interaction within the framework of international organizations, including the UN, OIC and others, and the importance of mutual support for international undertakings and initiatives in these structures.

Speaking about the challenges and threats of our time, the parties noted the importance of strengthening international cooperation in the fight against the global pandemic.

Trade and economic relations between the two countries were discussed in detail. A constructive exchange of views took place regarding the further implementation of previously signed documents and agreements reached. The parties spoke in favor of maintaining the active work of the Joint Committee on Cooperation between Turkmenistan and the United Arab Emirates.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Пресс-брифинг по проведению переписи населения и жилищного фонда в Туркменистане*

28 апреля 2022 года состоялся пресс-брифинг по итогам визита экспертной миссии ООН высокого уровня по проведению Сплошной переписи населения и жилищного фонда 2022 года в Туркменистане.

Фонд ООН в области народонаселения (ЮНФПА) является главным агентством ООН, оказывающим техническую поддержку Правительству Туркменистана в проведении переписи населения и жилого фонда 2022 года.

Цель работы миссии – ознакомиться с ходом подготовки к предстоящей переписи и выработать рекомендации, которые позволят улучшить отдельные аспекты переписи и обеспечить полное соответствие ее процессов и результатов международным стандартам. Ее возглавляет руководитель Отдела демографической статистики Статистического отдела ООН Срджан Мркич.

### *Творчество Махтумкули Фраги звучит в Ташкенте*

В узбекской столице прошли торжественные мероприятия, посвящённые творчеству выдающегося поэта туркменской литературы Махтумкули Фраги. После возложения цветов к барельефу поэта, расположенному на улице Махтумкули города Ташкент, состоялась конференция «Символ дружелюбия туркменского и узбекского народов в творчестве Махтумкули Фраги» при организации посольства Туркменистана в Республике Узбекистан совместно с Туркменским культурным центром Узбекистана.

В ходе конференции также выступили поэты, литературоведы, отметив, что сочинения выдающего туркменского мыслителя Махтумкули Фраги и его отца Довлетмаммеда Азади переводятся на узбекский язык и доносятся до молодого поколения.

### *Представители Туркменистана приняли участие в региональном семинаре для сотрудников пограничных служб Центральной Азии*

26 по 28 апреля состоялся региональный семинар по внедрению методологии электронного обучения в учебные центры и образовательные учреждения пограничных и таможенных ведомств Центральной Азии. Мероприятие стало очередным этапом реализации десятой фазы программы Европейского союза БОМКА.

Экспертами для представителей Туркменистана стали сотрудники Государственного колледжа пограничной охраны Латвии, Эстонской академии наук безопасности и агентства Европейского союза по безопасности внешних границ Frontex. Они продемонстрировали участникам семинара передовые технологии электронного обучения, включая обзор текущих и прогнозируемых тенденций.

### *Торгово-промышленные палаты Туркменистана и Татарстана расширяют партнерство*

Онлайн-встреча «Расширяя стратегическое партнерство» прошла между Торгово-промышленными палатами Туркменистана и Республики Татарстан Российской Федерации. Помимо руководителей ТПП, в мероприятии приняли участие замминистра сельского хозяйства и продовольствия Республики Татарстан, генконсул Туркменистана в Казани, представитель Министерства торговли и внешнеэкономических связей Туркменистана по делам Туркменского торгового дома в Казани, члены Союза промышленников и предпринимателей Туркменистана.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***